# Geljek hakynda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Geljek hakynda GELJEK HAKYNDA

Aglama, eñreme, Fakiýe Teýran,
Bir gün garyplar hem galar aýaga.
Turar-da, eder ol zulm öýün weýran,
Şondan soñra bolmaz gan içen aga

Ýaşasa dünýäde şa bilen hakan,
Meniñ kalbymdaky ar ody sönmez.
Ýok, men agañ guly bolman hiç zaman,
Azatlyk jarçysy yzyma dönmez.

Habary gelinçä bir hoş baharyñ,
Sözüm ýyldyrym dek ot saçar meniñ.
Tä sesi ýatynça soñky süýthoryñ,
Meniñ sesim ýatmaz, bilsin Watanym.

Meni gorkuzanok gandal hem künde,
Sürgün, zyndanda hem başym egilmez.
Ýüregmiñ halk bilen urýan gününde
Bu ody ölüm hem öçürip bilmez.

Ine, şol mentality iñ beýik arzuw,
Saz bilen ýüz tutýan barça illere.
Geljek hakda meniñ çyn arzuwym şu:
Azatlyk jar bolup düşsün illere.

Fekiýe TEÝRAN,
kürt şahyry.

Terjime eden Tejen NEPESOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 11.07.1973 ý. Goşgular